**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.**

1

#15 (246)
Четверг, 10 апреля 2025 года

Интернет газета
Международные новости

Esaslandyryjy – Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji awgustyndan bäri çykarylýar



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

5-nji aprelde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda şu ýylyň üç aýynda ýurdumyzda alnyp barlan işleriň jemleri jemlenildi.

Ilki bilen, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradowa söz berildi. Ol şu ýylyň birinji çärýeginde gazanylan makroykdysady görkezijiler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hasabat döwründe jemi içerki önüm 6,3 göterim artdy, şol sanda ösüş depgini senagat pudagynda 0,3 göterime, gurluşykda 3,8 göterime, ulag-aragatnaşyk pudagynda 11,1 göterime, söwdada 9,9 göterime, oba hojalygynda 4 göterime, hyzmatlar ulgamynda 8,8 göterime deň boldy. 2024-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, jemi öndürilen önümiň möçberi 9,6 göterim artdy. Ykdysadyýetiň pudaklarynda oňyn önümçilik görkezijileri gazanyldy. Geçen ýylyň döwri bilen deňeşdirilende, bölek satuw haryt dolanyşygy 12,3 göterim, daşary söwda dolanyşygy 2,9 göterim ýokarlandy. Şu ýylyň ýanwar — mart aýlarynda Döwlet býujetiniň girdeji bölegi 102 göterim, çykdajy bölegi 97,7 göterim ýerine ýetirildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, geçen üç aýda gazanylan üstünliklere esaslanyp, geljekde-de jemi içerki önümiň ösüşini durnukly saklamagyň, önümçilik pudaklaryny mundan beýläk-de ösdürmek boýunça degişli çäreleri geçirmegi dowam etdirmegiň, ykdysadyýet, maliýe we bank toplumynyň işini yzygiderli kämilleşdirmegiň möhümdigini belläp, wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary B.Amanow, T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, N.Atagulyýew gözegçilik edýän pudaklarynda 2025-nji ýylyň ýanwar — mart aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, wise-premýerlere degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa gözegçilik edýän ulgamlarynda şu ýylyň ýanwar — mart aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hasabat döwründe 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi, hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygy, Halkara zenanlar güni, Milli bahar baýramy, şeýle hem medeni-durmuş maksatly binalaryň açylyş dabaralary mynasybetli dürli çäreler, aýdym-sazly çykyşlar geçirildi. Yglan edilen döredijilik bäsleşikleriniň jemleri jemlenildi. Halkara hyzmatdaşlyk babatda-da dürli çäreler geçirilip, olarda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň, hemişelik Bitaraplygymyzyň many-mazmuny giňden beýan edildi. Şeýle hem kitaphanalar, muzeýler, Türkmenistanyň Taryhy we medeni ýadygärlikleri goramak, öwrenmek hem-de rejelemek baradaky milli müdirligi, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşigi, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri tarapyndan ýerine ýetirilen işler barada hasabat berildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy mynasybetli meýilleşdirilen çäreleri ýokary derejede geçirmäge gowy taýýarlyk görmegiň möhümdigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýere halkara medeni hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça alnyp barylýan işleri yzygiderli ösdürmek, medeni mirasymyzy öwrenmek, taryhy-medeni ýadygärlikleri dikeltmek işlerini dowam etdirmek tabşyryldy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa gözegçilik edýän ulgamlarynda şu ýylyň geçen üç aýynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hasabat döwründe ylymly-bilimli nesilleri terbiýeläp ýetişdirmäge gönükdirilen özgertmeler dowam etdirildi. Şu ýylyň birinji çärýeginde mekdep okuwçylary we talyp ýaşlar halkara ders hem-de internet bäsleşiklerinde jemi 55 medala mynasyp boldular. Şunuň bilen birlikde, «Dil — hoşniýetli gatnaşyklaryň möhüm serişdesi» atly halkara okuw-usuly maslahat, dersler boýunça internet olimpiadalary geçirildi. Şu ýylyň birinji çärýeginde ylmyň ugurlary boýunça aspirantura we doktorantura kabul etmek, alymlyk derejelerine dalaşgärlige hasaba almak bilen bagly işler guramaçylykly alnyp baryldy. «Parahatçylyk we ynanyşmak dünýäde ekologiýa abadançylygyny gorap saklamagyň ygtybarly binýadydyr» atly halkara ylmy-amaly maslahat geçirildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, wise-premýere birnäçe tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowa söz berildi. Ol Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň adyndan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy Özbegistan Respublikasynyň Samarkant şäherine iş saparynyň üstünlikli geçmegi bilen tüýs ýürekden gutlady.

Soňra wise-premýer, daşary işler ministri R.Meredow şu ýylyň birinji çärýeginde Daşary işler ministrligi tarapyndan ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi. Hasabat döwründe Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugruny yzygiderli durmuşa geçirmek, döwlet Baştutanymyzyň ozal beren tabşyryklaryny, öňde goýan wezipelerini ýerine ýetirmek maksady bilen degişli işler geçirildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, Bitarap Türkmenistanyň ählumumy abadançylyga gönükdirilen daşary syýasaty alyp barýandygyny, ýurdumyzyň dünýäniň ähli döwletleri we halkara guramalar bilen deňhukukly, özara bähbitli hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürýändigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýer, daşary işler ministrine dünýä we sebit döwletleri bilen syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer, ylym-bilim ulgamlarynda gatnaşyklary ilerletmek boýunça işleri dowam etdirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew gözegçilik edýän ulgamlarynda şu ýylyň ýanwar — mart aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, agentligiň ýolbaşçysyna birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Soňra hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, Garaşsyz ýurdumyzda şu ýylyň üç aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleriniň kabul edilen maksatnamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini görkezýändigini, jemi içerki önümiň ösüşiniň hasabat döwründe 6,3 göterim derejede durnukly saklanyp gelýändigini kanagatlanma bilen belledi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ КОРОЛЯ КАМБОДЖИ

Президент Сердар Бердымухамедов от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Королю Камбоджи Нородому Сиамони и всему народу страны по случаю 30-летия установления дипломатических отношений между Туркменистаном и Королевством Камбоджа.

Отношения между нашими государствами опираются на взаимоуважение, равноправие и обоюдное доверие, отметил глава государства, подчеркнув, что Туркменистан заинтересован в расширении двусторонних связей, а также выразил уверенность, что сотрудничество наших стран будет и далее развиваться в интересах обоих народов.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Туркменистана выразил Королю Камбоджи Нородому Сиамони пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а дружественному народу страны – прогресса и процветания.




# PRESIDENT OF TURKMENISTAN PARTICIPATED IN THE SAMARKAND INTERNATIONAL CLIMATE FORUM

On April 4, 2025 President Serdar Berdimuhamedov, who arrived in Samarkand for the first Central Asia-European Union Summit, also attended the opening ceremony of the international forum «Central Asia Facing Global Climate Challenges: Consolidation for Common Prosperity».

The two-day forum, organized in the Congress Center of the Silk Road Samarkand complex, has become one of the world's most important events on matters of ecology and climate change.

Among its participants were heads of Central Asian states, leadership of the European Union, leading world experts, statesmen and members of governments of a number of foreign countries, representatives of international organizations and major financial structures.

Among the honorable guests are President of the European Commission Ursula von der Leyen, President of the European Council Antynio Costa, Executive Director of the United Nations Human Settlements Programme (UN-Habitat) Anaclбudia Rossbach, Executive Secretary of the United Nations Economic Commission for Europe (UNECE) Tatiana Molcean, Executive Secretary of the United Nations Convention to Combat Desertification Ibrahim Thiaw, Director of the Regional Bureau for Europe and the Commonwealth of Independent States of the UNDP Ivana Zivkovic, President of the European Bank for Reconstruction and Development Odile Renaud-Basso, as well as the Vice President of the European Investment Bank Kyriacos Kakouris and others.

Warmly greeting the numerous participants of the international climate forum dedicated to the main challenge of our time - global climate change, President of the Republic of Uzbekistan Shavkat Mirziyoyev emphasized the importance of ensuring environmental well-being and, in this regard, noted the need to strengthen the dialogue and develop joint actions to address climate issues relevant to all mankind as a key factor of universal sustainable development.

Then a video message by UN Secretary-General Antynio Guterres was shown, in which the head of this reputable international organization emphasized the relevance of the matter raised and the initiatives put forward by the Central Asian states, wishing success in the work of the climate forum aimed at consolidating efforts to address common environmental issues of the modern world.

Addressing the audience, President Serdar Berdimuhamedov noted that problems related to climate change traditionally occupy a special place within the framework of the Central Asia-European Union format.

- I believe that our task today is to provide the main, priority guidelines for cooperation and create solid prerequisites for their implementation," the President of Turkmenistan said, emphasizing that the European Union is considered a favorable partner on addressing fundamental issues of the climate agenda.

Among the most important issues, the head of Turkmenistan primarily mentioned decarbonization and reduction of methane emissions.

- An important aspect of the partnership is the implementation of Turkmenistan's environmental initiatives, which are well-known and have both regional and global scope. Among them are the establishment of the Regional Center for Climate Change Technologies in Central Asia and preparation of the Program of Transition to Circular Economy," the head of state continued, noting that Turkmenistan awaits the support of the European Union in their implementation.

As emphasized, the priorities of partnership with the EU also include «green transition» in energy, industry, transportation and other important areas of the economy related to production and life sustenance.

- We invite the European Union to substantive and long-term joint work. Proposing to intensify the dialog on «green» agenda, we consider it worthwhile to make it a separate area of activity of our format and start working out specific plans for cooperation in the near future," President Serdar Berdimuhamedov said.

Special emphasis was also placed on water issues, which are of fundamental importance for the region. According to the head of state, technological and methodological assistance of the European Union can have a positive impact on solving the existing difficulties.

- Turkmenistan's position on water policy issues in the region is well known. They should be solved on the basis of three key principles: observance of international law; mutual consideration of interests; involvement of international organizations, first of all the UN," the President said.

In order to preserve and strengthen good-neighborliness, development and cooperation in Central Asia, to establish a mechanism for water use from transboundary rivers in the region, Turkmenistan proposed to the UN General Assembly to consider the initiative to establish the UN Regional Council on water use in Central Asian countries.

Among the key issues of ecological, socio-economic and humanitarian well-being in the region the saving of the Aral Sea was emphasized. It was underlined that Turkmenistan expects more concrete and focused international discussion of this problem, including the development of measures to support the activities of the International Fund for Saving the Aral Sea on the basis of relevant UN General Assembly resolutions. In this regard, it was proposed to jointly strive to reach full observance of these documents.

In conclusion, President Serdar Berdimuhamedov thanked again the President of Uzbekistan Shavkat Mirziyoyev for excellent organization of the Summit, and the people of brotherly Uzbekistan for their hospitality and warm welcome.

Today, the forum will continue its work within the framework of specialized sessions: «Green Economy as a Path to Sustainable Development»; «Conservation of Biodiversity and Natural Ecosystems of Central Asia in Response to Climate Challenges»; «Clean Energy: the Basis for Sustainable and Environmentally Friendly Development»; «Integrated Water Resources Management under Climate Change in Central Asia»; «Youth: Looking to the Future with Optimism»; «Sustainable Cities and Climate Challenges: Integrated Planning and Management»; «Scientific and Innovative Approaches to Climate Change in Central Asia».

At the end of the program of the two-day working visit, President Serdar Berdimuhamedov headed to the International Airport of Samarkand from where he left to Turkmenistan.



# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ PREZIDENTI BILEN DUŞUŞYGY

2025-nji ýylyň 3-nji aprelinde «Merkezi Aziýa Ýewropa Bileleşigi» görnüşindäki birinji sammite gatnaşmak maksady bilen Özbegistan Respublikasynda iş saparynda bolýan Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew bilen duşuşdy.

Iki goňşy döwletiň Baştutanlary mähirli salamlaşyp, däp bolan dost-doganlyk gatnaşyklarynyň häzirki ýagdaýyny we möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga döran mümkinçilige kanagatlanma bildirdiler.

Prezident Serdar Berdimuhamedow taryhy Samarkant şäherinde Prezident Şawkat Mirziýoýew bilen duşuşýandygyna örän şatdygyny belläp, «Merkezi Aziýa — Ýewropa Bileleşigi» sammitine gatnaşmaga çakylyk üçin minnetdarlyk bildirdi we meýilleşdirilen ähli çäreleriň üstünlikli geçirilmegini arzuw etdi hem-de ýurdumyzyň wekiliýetiniň mähirli kabul edilendigi, görkezilen myhmansöýerlik üçin minnetdarlyk bildirdi.

Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, Özbegistan Respublikasy biziň hakyky dostumyz we ýakyn goňşymyz bolup durýar. Bu ýurt bilen dürli ulgamlarda netijeli hyzmatdaşlyk alnyp barylýar. Pursatdan peýdalanyp, Prezident Serdar Berdimuhamedow özbek kärdeşine türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Prezident Şawkat Mirziýoýew döwlet Baştutanymyza Samarkanda gelmäge hem-de «Merkezi Aziýa Ýewropa Bileleşigi» görnüşindäki ýokary derejeli birinji duşuşyga gatnaşmaga çakylygy kabul edendigi üçin hoşallyk bildirip, Milli Liderimize mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny beýan etdi hem-de şunda döwletara dialogyň netijeli häsiýete eýedigini belledi.

Duşuşygyň dowamynda söhbetdeşler häzirki wagtda ynanyşmagyň we özara goldawyň ýokary derejesi bilen tapawutlanýan türkmen-özbek gatnaşyklarynyň dürli ugurlarda, şol sanda oba hojalygynda, elektrik energetikasynda, nebitgaz toplumynda, himiýa senagatynda we beýleki pudaklarda okgunly ösdürilýändigini kanagatlanma bilen nygtadylar.

Ulag we energetika geçelgelerini döretmäge, sebitara gatnaşyklary pugtalandyrmaga, Merkezi Aziýada durnukly ösüşi üpjün etmäge degişli möhüm meseleleri çözmek babatda alnyp barylýan bilelikdäki işlere aýratyn üns berilýär. Şunuň bilen baglylykda, şu sammitiň Merkezi Aziýanyň we Ýewropa Bileleşiginiň arasynda has netijeli, özara bähbitli hyzmatdaşlygyň ýolunda möhüm ädim boljakdygyna ynam bildirildi.

Şeýle hem soňky döwürde iki ýurduň işewür toparlarynyň arasyndaky gatnaşyklaryň işjeňleşendigi bellenildi.

Mümkinçilikden peýdalanyp, Prezident Serdar Berdimuhamedow döwletara dialogy ösdürmäge uly şahsy goşandy üçin Prezident Şawkat Mirziýoýewe minnetdarlyk bildirdi.

Duşuşygyň ahyrynda Türkmenistanyň we Özbegistan Respublikasynyň Baştutanlary däp bolan türkmen-özbek dostlukly gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de pugtalandyryljakdygyna we giňeldiljekdigine ynam bildirip, birek-birege berk jan saglyk, döwlet işlerinde üstünlikleri, iki ýurduň doganlyk halklaryna bolsa abadançylyk, rowaçlyk arzuw etdiler.

# ДЕЛЕГАЦИЯ МЕДЖЛИСА ТУРКМЕНИСТАНА УЧАСТВУЕТ В 150-Й АССАМБЛЕЕ МЕЖПАРЛАМЕНТСКОГО СОЮЗА В ТАШКЕНТЕ

Туркменская делегация под руководством Председателя Меджлиса посетила с рабочим визитом Ташкент для участия в 150-й юбилейной Ассамблее Межпарламентского Союза, которая открылась 5 апреля в узбекской столице.

В ходе визита Председатель Меджлиса Дуньягозель Гулманова встретилась с Президентом Межпарламентского союза Тулией Аксон.

Д.Гулманова ознакомила руководство Межпарламентского союза с основными направлениями миролюбивой гуманитарной внутренней и внешней политики страны, пригласила принять участие в международных мероприятиях, в том числе парламентских, проводимых в стране по случаю 30-летия постоянного нейтралитета Туркменистана, Международного года мира и доверия.

Президент Межпарламентского союза, в свою очередь, высоко оценила активное сотрудничество Туркменистана на международной арене и выразила большую заинтересованность в дальнейшем развитии диалога и проведении совместных мероприятий.

Туркменская делегация также встретилась с Генеральным секретарём Межпарламентского союза Мартином Чунгонгом.

В ходе встречи была подчёркнута значимость принятия Резолюций Генеральной Ассамблеи ООН по инициативе Туркменистана «2025 год – год Международного мира и доверия», «О постоянном Нейтралитете Туркменистана», выдвигаемых нашей страной инициатив по обеспечению мира и безопасности во всём мире.

Кроме того, председатель Комитета Меджлиса Туркменистана по науке, образованию, культуре и молодёжной политике Байрамгозель Мырадова приняла участие в форуме Женщин-парламентариев, организованном в рамках 150-й юбилейной сессии Межпарламентского союза.

Туркменская сторона в своём выступлении на Форуме подчеркнула значимость деятельности, реализуемой в области защиты прав и свобод человека, обеспечения гендерного равенства, повышения активности молодёжи и её поддержки. Были подчёркнуты результаты в осуществлении Национального плана действий на 2021-2025 годы по обеспечению гендерного равенства в Туркменистане в сотрудничестве с ООН и другими авторитетными международными структурами.

Председатель Меджлиса Туркменистана Дуньягозель Гулманова на полях проходящей в Ташкенте 150-й Ассамблеи Межпарламентского союза 6 апреля встретилась с Председателем Совета Федерации РФ Валентиной Матвиенко.

Пользуясь случаем, Председатель СФ передала наилучшие пожелания Национальному лидеру туркменского народа Гурбангулы Бердымухамедову и Президенту Туркменистана Сердару Бердымухамедову. Она отдельно отметила, что высоких гостей из Туркменистана ждут в Москве на праздновании 80-летия Победы в Великой Отечественной войне.

В ходе встречи отмечалось, что в декабре 2025 года парламентарии двух стран планируют принять участие в ряде важных мероприятий — Форуме Международного года мира и доверия, втором Межпарламентском форуме государств Центральной Азии и РФ и втором Диалоге женщин стран Центральной Азии и России. Для проработки содержательных аспектов предстоящих форумов Председатель СФ предложила провести первое заседание российско-туркменских парламентских групп по сотрудничеству.

Д.Гулманова передала В.Матвиенко приветствия от Национального лидера туркменского народа Гурбангулы Бердымухамедова. Она отметила важность укрепления туркмено-российских отношений, расширения связей двух стран. Дуньягозель Гулманова подтвердила заинтересованность в разработке и заключении двустороннего межпарламентского соглашения.



Спикер парламента Туркменистана Гулманова пригласила Председателя Совета Федерации Федерального Собрания Российской Федерации Валентину Матвиенко принять участие в международных мероприятиях, которые пройдут в нашей стране в честь 30-летия постоянного нейтралитета Туркменистана, которое будет отмечаться в Международный год мира и доверия в 2025 году.

## MINISTERS OF FOREIGN AFFAIRS OF TURKMENISTAN AND ETHIOPIA DISCUSSED BILATERAL COOPERATION

On April 8, 2025, Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov had a telephone conversation with Minister of Foreign Affairs of the Federal Democratic Republic of Ethiopia Gedion Timothewos.




The sides discussed opportunities for expanding cooperation between the two countries in political-diplomatic, trade-economic, as well as cultural-humanitarian spheres. They exchanged views on expanding the legal framework of interstate relations.

Special emphasis was placed on the necessity of establishing a regular dialog between the foreign ministries of two countries, and the prospects of inter-parliamentary cooperation were also considered.

The Ministers noted the positive experience of interaction within the framework of international structures, in particular the UN.

The Ministers of Foreign Affairs also discussed the possibility of participation of a high-ranking Ethiopian delegation in the events scheduled to be held in Turkmenistan within the framework of the International Year of Peace and Trust.

## THE MINISTRY OF FOREIGN AFFAIRS OF TURKMENISTAN HOSTED A BRIEFING ON THE RESULTS OF THE SECOND UN ASSESSMENT MISSION IN PREPARATION FOR LLDC-3

On 10 April 2025, the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan hosted a briefing on the results of the second UN assessment mission to prepare for LLDC-3.



The briefing was attended by heads and representatives of relevant ministries and agencies of Turkmenistan, heads and representatives of UN specialised agencies, as well as representatives of local media.

During the briefing, the results of the UN assessment mission on preparations for the Third UN Conference on Landlocked Developing Countries (LLDC-3), scheduled to be held in the National Tourist Zone «Avaza» in August 2025, were discussed.

It was noted that the Government of Turkmenistan is carrying out comprehensive protocol, organisational and analytical work in preparation for the event. Detailed information was also provided on the structure of the Conference programme, including thematic sessions, forums and round tables.

The participants of the briefing emphasised the importance of the event on a global scale, discussed in detail the key aspects of the agenda, as well as the development of the Outcome Document and other Conference materials.

## ВСТРЕЧА С ЗАМЕСТИТЕЛЕМ МИНИСТРА ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ И МЕЖДУНАРОДНОГО СОТРУДНИЧЕСТВА ИТАЛИИ



9 апреля 2025 года состоялась встреча заместителя министра иностранных дел Туркменистана А.Гурбанова с заместителем министра иностранных дел и международного сотрудничества Италии Эдмондо Чириелли.

Стороны обсудили развитие двусторонних отношений по политико-дипломатическому, торгово-экономическому и культурно-гуманитарному направлениям.

Было подчеркнуто, что межправительственные и межведомственные контакты Туркменистана и Италии способствуют укреплению двусторонних отношений.

В ходе встречи состоялся обмен мнениями по инициативе об утверждении «Плана действий по созданию сетей многостороннего сотрудничества между ЦА и Италией на 2024-2025», который охватывает такие вопросы как энергетический переход, водные ресурсы, здравоохранение, сельское хозяйство, высшее образование и транспорт.

Обстоятельно рассмотрены пути наращивания объемов торгово-экономического и инвестиционного партнерства.

Нефтегазовый сектор, железнодорожная отрасль, текстильная промышленность, сельское и водное хозяйство были отмечены в числе приоритетных направлений двустороннего взаимодействия.

Кроме того, констатирована обоюдная нацеленность на активизацию связей в социальной сфере, в частности, в области образования, археологии и культуры.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *В Токио состоялся форум, посвященный «2025 году – Международному году мира и доверия»*

4 апреля 2025 года Посольство Туркменистана в городе Токио совместно с Советом по дружескому обмену Японии организовало культурный форум, посвященный «2025 году – Международному году мира и доверия».

В ходе своего выступления Посол Туркменистана в Японии А.Байрамов отметил, что последовательно реализуя внешнеполитический курс, основанный на принципах позитивного нейтралитета и получивший широкую поддержку Сообщества Наций, Туркменистан вносит конкретный вклад в укрепление конструктивного международного сотрудничества во имя всеобщего благополучия и достижения Целей устойчивого развития.

Посол выразил искреннюю признательность Правительству Японии за ценную поддержку и вклад в дальнейшее укрепление дружественных отношений между Туркменистаном и Японией.

### *В Международном университете гуманитарных наук и развития открылся VI Клуб ЮНЕСКО*

5 апреля в Международном университете гуманитарных наук и развития открылся VI Клуб ЮНЕСКО «Мир, доверие – основа гуманизма и развития».

Церемония открытия, состоявшаяся при участии ряда почетных гостей, Героя Туркменистана Чынар Рустемовой, а также профессоров, преподавателей и студентов, внесших достойный вклад в научно-образовательное и культурно-гуманитарное развитие страны, имела большой успех.

Основная цель открытия клуба ЮНЕСКО в Международном университете гуманитарных наук и развития, обеспечивающего образование в современном и национальном духе молодежи, вносящей свой достойный вклад в благородное дело укрепления мира и веры страны, является очередным доказательством проделанной огромной работы по воспитанию молодежи в духе истинного патриотизма и мужества, использованию наших национальных традиций и культуры.

### *Мир и доверие в Центральной Азии обсудили с Генеральным секретарем ОБСЕ*

3 апреля 2025 года в Вене по инициативе Туркменистана состоялась встреча Послов стран Центральной Азии с Генеральным секретарем ОБСЕ.

Собеседники обсудили широкую повестку дня ОБСЕ во всех трех измерениях и роль Центральной Азии в продвижении Хельсинкского декалога. На повестке дня встречи были вопросы региональной безопасности, изменения климата, транспортной и торговой связанности, прав человека, верховенства закона, демократических институтов.

Подробно изложена инициатива Туркменистана о провозглашении 2025 года – Международным годом мира и доверия. Инициатива поддержана сообществом ООН, которое приняло соответствующую резолюцию Генеральной Ассамблеи ООН в 2024 году. Также было отмечено, что в течение 2025 года будут проведены многочисленные мероприятия, направленные на укрепление доверия между народами посредством дипломатии, диалога, культурного обмена, торговли и экономического сотрудничества.

### *Обсуждены вопросы сотрудничества между Туркменистаном и Арменией*

8 апреля 2025 года состоялась ознакомительная встреча Чрезвычайного и Полномочного Посла Туркменистана в Республике Армения Мухамметгелди Аязова с новоназначенным начальником Департамента Евразийского региона Министерства иностранных дел Республики Армения Георгием Кочаряном.

В ходе содержательной беседы, стороны отметили плодотворный характер сотрудничества в двустороннем и многостороннем форматах в рамках авторитетных международных структур.

Было отмечено, что существующие политико-дипломатические, торгово-экономические, культурно-гуманитарные и транспортно-коммуникационные взаимоотношения между двумя странами развиваются по восходящей и подчеркнули значительность дальнейшего планомерного развития этих сфер.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***